# Işbu günüñ goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Işbu günüñ goşgusy IŞBU GÜNÜÑ GOŞGUSY

Bizi dört diwara gabap goýdular,
Dört diwaryñ arasynda azaşdym.
Çitenekli sime sarap goýdular,
Bu zatlary ýaňy-ýaňy aňlaşdym.

Dört tarapa barýan ýoluñ dördüsem,
Petige diredi,
bent bolup galdy.
Ýagty gelejek diýp, baky tümlüge
gidenleñ täleýi pent bolup galdy.

Halkyñ ogullaryn halka duşman diýp,
Öldürdiler ýa-da ýaraladylar.
Gyzyl ýüzli, ak ýürekli mertleri
«Adyl höküm» bilen garaladylar.

«Adyl höküm» asyl köküm çüýretdi,
Mert ýigitler, asyl ärler galmady.
Gör, kimsäniñ çüýrük ideýalary
Depämizde baýdak bolup galgady.

Satdyk,
atdyk,
ýaraladyk,
öldürdik,
Sesin kesip, etin kesip iýdirdik.
Salgymy suw diýip görkezip ile,
Betbagtlara «Bagtly bizler!» diýdirdik.

Göwnühoşlyk dälmi,
biparhlyk dälmi
Damarmyzda gyzgyn gany sowadan?

Hasap soramaga pursat ýetipdir
Köňli başga, ýoly bizden sowadan.

Beýle diýsem,
bu gün başga bir halka
Öýdäýmäň siz edýär diýip ykarat.
Bu gün synýar bizi dört diwar içre
Gabap saklap duran uly ymarat.

Egnimizden basyp duran gara daş
aýryldy-da,
diklenipdir kaddymyz.
Bu gün sorag berýäs:
«Goç ýigitleri
Siz nämüçin nähak ýere atdyňyz?!»

Bu sowala jogap berýän adam ýok,
Ol jogap howada asyl-asyl dur.
Indi ýurdy dogry ýoldan äkitjek,
Düz ýola düşürjek täze nesil dur.

Şu gün bu zatlary arkaýyn aýdyp,
Çekinmän sözleýän bolsak, elbetde.
Arkamyza ýel çalandyr,
şoň üçin,
Aýyl-saýyl bolýar gowam, erbet-de.

Diňe bir ýol – halk ykbalyn götermek
Indi biziň täleýmizde galan zat.
Geçmişiň ýalňyşyn sapak edinmek
Iň laýyk maksadyň dälmi, adamzat?!

Daşyňdan tikenli simler aýrylýar,
Tikenli sözlerem kalbyňdan aýryp
biläýseň sen,
ondan soň öz kowmuňa
ýagşy sözler aýdyp,
hoş sözler aýdyp,

Arkaýyn ýaşasak,
ösüp-örñesek,
Görmesek indi bir öñki şumlugy.
Hem salgyna çapman,
il-güne, halka
Ýurda, Watanmyza etsek gullugy.

Il täleýin ýagty ýola çykaryp,
Halka perzent bolsak,
Topraga – ogul.
Gara başy goýup onuñ ugrunda
Soñ hoş bolup ýatsak goýnunda onuñ.

Topragym,
Watanym,
ýurdum,
il-günüm –
Razy bolar bizden milletim, halkym.
Ýöne edil häzir ölümde däl-de,
Ýaşap ýörmekdedir manysy bagtyñ.

Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular